# Meşhur ýazyjylaryň durmuşyndan: Edgar Po

Category: Goşgular,Hekaýalar,Kitapcy,Romanlar,Sözler,Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly
написано kitapcy | 23 января, 2025
Meşhur ýazyjylaryň durmuşyndan: Edgar Po **EDGAR ALLAN PO** (19.01.1809-07.10.1849)

Mazmunsyz hekaýalary we özboluşly atmosferaly goşgulary bilen elhençlikler žanrynyň atasy hasaplanýan Edgar Allan Po Goward Fillips Lawkraftdan Stiwen Kinge çenli uzaýan edebi žanryň öňüni açan ýazyjydyr. Geň galaýmaly, şeýle žanryň kerwenbaşysy garaňkylykdan öler ýaly gorkupdyr. Onuň bu gorkusy ýöne ýere däl, sebäbi ol gonamçylykda bilim alypdyr diýsegem ýalňyş bolmaz. Edgaryň okap bilim alan ýatymlaýyn mekdebi gonamçylygyň alkymynda ýerleşipdir. Mekdep direktory matematika sapagyny daşarda, mazarlaryň arasynda geçer eken. Ol çagalaryň hersine bir başagaç saýlamagy, soňam başagaçda ýazylan ölüm senesinden doglan ýyly çykaryp merhumyň ýaşyny hasaplatdyrypdyr. Bedenterbiýe sapagynda-da täze ýogalan biri bar bolsa, her okuwça tagtadan ýasalan kiçijik pil berip olara gabyr gazmaga ugradypdyr. Şeýtmek bilen ol çagalary has täsirli, has hereketlendiriji ýollar bilen terbiýelemäge çalşypdyr.
Üç ýaşynda ýetim galan Po Wirjiniýanyň Riçmond diýen ýerinde Jon ve Frensis Allan atly är-aýalyň elinde ulalýar. Ýöne ogullyk alynmandyr, sebäbi Jon Allan teatral çärelerde çykyş edip ýören ene-atanyň çagasynyň öz arassa nesil şejeresine garyşmagyny islemändir. Muňa garamazdan Po öweý atalygynyň adyny öz atasynyň ady ýaly öz adyna goşup ulanmagy makul bilipdir. Mähir-şepagatdan başga-da Jon Allanyň Edgara berip bilmedik ýene bir zady bardy. Pul. Ýetde-gütdelik Ponyň gysga ömrüniň agyr tagmasy boldy. Po Wirjiniýa uniwersitetinde okap ýörkä spirtli içgilere sarp edýän puluny ýerbe-ýer etjek bolup humarly oýunlary oýnamaga başlaýar. 1830-njy ýylda West Point

harby akademiýasyna okuwa girensoñ Po wagtynyñ agramly bölegini içip we harby gullukdan kowulmagyñ ýollaryny gözläp geçiripdir. Ahyrynda 1831-nji ýylyñ ýanwarynda maksadyna ýetipdir. Po häzire çenli West Point harby akademiýasyna giren we ondan kowulan ýeke-täk amerikan ýazyjysydyr.
Edgar Allan Ponyñ kursdaşlarynyñ biri onuñ spirtli jçgilere meýilliliginiñ humarly oýunlara gyzyşyndan pesde bolmandygyny ýazypdyr.
Akademiýada okap ýörkä şeýle bir hor we garry görünipdir welin, kursantlar onuñ ýerine atalygynyñ okap ýör diýip degişipdirler.
Jon Allan ahyrynda Ponyñ bolşundan bizar bolup, ondan düýpli ýüz öwürýär. Pul-peşgeşden we maşgala mährinden jyda düşen Po Baltimorda ýaşaýan daýzasy Mariýa Klemmiñ ýanyna gidýär. Ol şol wagtam žurnallara gysga hekaýalar ýazyp başlaýar.
1836-njy ýylda özi ýigrimi ýedi ýaşyndaka daýzasynyñ on üç ýaşly gyzy Wirjiniýa bilen nikalaşýar. Ýaş çatynjalar goş birikdirensoñ ýygy-ýygydan ýaşaýan ýerlerini üýtgedipdirler. Edgar ýuwaş-ýuwaşdan arakorlukdan saplanyp, nebsini bilmäge başlaýar. Ýañy bir güni-haly gowlaşyp başlaýaram welin, aýaly inçekesel keseline ýolugyp aradan çykýar. Ponuñ ykbaly hakykatdanam keçdi, keçligine-de tamamlandy. Ýazyjy sentýabr aýynyñ ahyrky günlerinde Nýu-Ýorkdan Baltimora barýarka dereksiz ýitdi. Bäş günden soñ irland meýhanasynyñ öñünde lülgammar bolup özüni bilmän ýatyrka üstünden bardylar. Görgüliniñ egnindäki eşiklerem ondan-mundan dilenip alnan köne-küşül jindeler eken. Agzy-burny ýer garbap gözgyny halda sandyraklap ýatan ýazyjy Waşington kolležiniñ saglyk öýüne ýerleşdirilýär. Po iki gün diýen ýaly Reýnolds diýen bir adamyñ adyny sarnap geçiripdir. Ýalançynyñ azabyndan ölüp dynmak islän ýazyjy «mañlaýymdan atyp öldür» diýip lukmana ýalbarypdyr we 1849-njy ýylyñ 7-nji oktýabr güni ömürlik gözüni ýumupdyr.
Bäş günläp ýitirim bolan wagtynda onuñ başyna nämeleriñ gelendigini hiç kimem bilmeýär. Ýöne toplanan delillere salgylansañ, ol saýlaw kampaniýasy üçin hakyna tutylan gizlin bandamyñ eline düşüpdir, içiribilenlerini içiripdirler we

Baltimor häkiminiñ saýlawynda ses berilýän sandyklary bulaşdyrmaga mejbur edipdirler.

Ölüm sebäbi näme bolanda-da, Ponuñ ölümi gaty gözgynydy, ol hamala ýazyjynyñ terjimehalyny ýazan awtor tarapyndan gurnalan ýalydy. Gürrüñi gidýän awtoryñ ady bir gezek eserleri Ponyñ tankydyna uçrandygy üçin ýazyjyny garalamak islän Rufus Griswold diýen redaktordan başga hiç kim däldi.

Griswold 1850-nji ýylda çap edilen awtobiografiki eserinde Pony öz daýzasy bilen jynsy gatnaşyga giren we süpük narkoman diýip aýyplapdy. Ýazyjynyñ salgysyna ýöñkelýän aýyplamalaryñ barysy-da ýalan, şol sanda ölen bendeden ar alma maksady bilen ýazylan esassyz myjabatlardy. Muña garamazdan, edebi jemgyýetçiligiñ (şol sanda fransuzlaryñ) tagallasy bilen Pony beýik amerikan ýazyjylarynyñ sanawyna goşmak onlarça ýyla çekdi.

## ■ Garga

*Otagymyñ gapysynyñ üstünde,*
*Pallasyñ öçügsi býustynda*
*Otyr, otyr garga butnaman otyr.*
*Arzuwçyl şeýtanyñ gözleri ýaly*
*Gözlerin dikanlap içiñden ötir.*
*Siñýär tagtalardan goýras sudury*
*Siñe seredende guran jismime.*
*Şol sudurda ýüzýän ruhum silkinip*
*Halas bolup bilmez, uçmaz asmana!*

Po «Garga» goşgusyny diýseñ gowy görüpdir. Ol bu goşgusyny poeziýa taryhynyñ iñ naýbaşy goşgularynyñ iñ naýbaşysy hasaplapdyr. Emma ýazyjy awtorlyk hukugy we galam haky baradaky ýörite kanunyñ bardygyndan bihabardygy üçin bu goşgusyndan hiç hili hak-heşdek gazanyp bilmändir. Ponuñ meşhur «Gargasy» iñlis ýazyjysy Çarlz Dikkensiñ eldeki gargasyndan täsirlenip ýazylypdyr. Dikkensiñ ýañra guşy ýazyjynyñ «Barnebi Raj» romanlar tapgyrynda garşymyza çykýar. Po «Barnebi Rajy» 1841-nji ýylda okapdyr. 1842-nji ýylda Dikkens bilen Po ilkinji we iñ soñky gezek duşuşanlarynda

eýýäm eý görülen garga ölüpdi. Po şol gije öýüne gelip «Lenora» diýen goşgusyna ýakymsyz sözleri sözleýän garganyñ obrazyny girizýär. Lenora ady betbagtlyk getirýän gara guşuñ mantrasyna öwrülen «Never more» (Indi hiç haçan) sözi bilen özboluşly kapyýalaşypdyr.

Robert ŞNAKENBERG.

Terjime eden: Has TÜRKMEN. Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly